# Gitler: Bir zalymyñ bize belli bolman galan taraplary

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Gitler: Bir zalymyñ bize belli bolman galan taraplary GITLER: BIR ZALYMYÑ BIZE BELLI BOLMAN GALAN TARAPLARY




*Ol janly-jandarlary diýseñ gowy görýän eken. Boş wagtyny bile geçirýän iti-de bolupdyr. Wegetarian bolandygy çaklanýar. Çilime garşy birinji bolup göreşen liderdir. Bu lideriñ kimdigini bilesiñiz gelýärmi? Adamzat döräli bäri gelip-geçen iñ uly zalymlaryñ biri Gitler! Geliñ, onuñ bize mälim bolman galan taraplaryny öwreneliñ.*

Adolf Gitleri adamzat taryhyny sarsgyna salan garañky günleri arkaly ýatlaýarys. Ol diñe amala aşyran genosidi bilenem taryhyñ iñ rehim-şepagatsyz we sistematiki wagşyýanalyklarynyñ birine sebäp bolupdy.

Emma şeýlekin zannyýaman zalymyñam o diýen bir bilinmän galan, eşdeniñde geñ galdyrýan, geñ galmakdanam beter «bää-ä, bul adam beýle eken-ow» diýdirip biljek derejede özboluşly hüý-häsiýetleri bolupdyr.

Adolf Gitler diýlende ilkinji göz öňüne gelýän zat, megerem, jöhit ýigrenjidir. Onuň bu ýigrenjiniň sakasynyň ilkinji aşyk bolan jöhit zenanyna açylyp bilmezliginden we sungat adamsy bolmak arzuwynyň saýlama jöhit sungat wekillerinden ýaňa öňüniň baglanmagyndan gaýdýandygy aýdylýar.
Bütin bu zatlar bir ýana, Gitleriň jöhitlere bolan çuňňur ýigrenjiniň bolandygyna garamazdan, «hakyky jöhit» yglan eden birine genosid döwründe penakärlik edendigini bilýäňizmi?
Ol adam Gitleriň maşgalasynyň bir döwüm çörege zar garyp günlerinde mugtuna bejeren lukmanydy.
Adamlaryň peçlerde ýakylmagyny buýran wagşynyň ölüm lagerlerine ýeke gezegem baryp görmändigini bilmek nähili geň!
Emma bu hakykat. Gitler ýüregiýukalyk edäýmäýin diýen pikir bilen ölüm konslagerleriniň birine-de baryp görmändir.
Adamlar ganym adamlaryň haýwanlary gowy görüp biljegine ynanasy gelmez. Gitler bu meselede-de bizi ýalňyşdyrmagy başarypdyr. Haýwanlary diýseň gowy görýän Gitleriň boş wagtyny güýmenip geçirýän nemes owçarkasy bar eken.
Öz janyna kast etmezinden öňinçä lukmany Warner Haasa görkezme berip, Blondi atly ganjygy simap bilen zäherletdi. Ýagny, ölende-de itini ýany bilen äkitdi.
Käbirleri tarapyndan dogrudygy tassyklanýan, käbirleri tarapyndan bolsa ýalana çykarylýan wegetarian bolandygy baradaky maglumat bolsa gulaga geňsi eşdilýär. Emma bu hakykat bolsa-ha, onda aňymyzy epeý bulaşdyryp biljek maglumat.
Alkogolly içgileri mümkingadar az içýän, içende-de suw garyp içýän Gitler çilimi itden beter ýigrenipsie. Üstesine ol çilime bolan ýigrenjini şahsy ölçegde saklabam bilmändir we çilime garşy giň möçberli kampaniýanyň başyny başlapdyr. Gitler bu kampaniýasy bilen taryha çilime garşy göreşen ilkinji lider bolupdy.
Daş ýürekli jandaryňam žylawlap bilmedik adamkärçilikli taraplarynyň bolmagy siziň üçinem geň gerek?

Çagry GYRLANGYÇ.

3 iýun 2017 ý. Geň-taňsy wakalar